**№1-dm “Daşary migrasiýa barada hasabat”**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GYSGAÇA GÖRKEZMELER**

№1-dm formasy üçin maglumatlar migrasiýa gullugynyň maglumatlar binýadyndan alynýar, ol Türkmenistanyň serhedinden geçilmegi boýunça emele getirilýär we Türkmenistanyň “Migrasiýa hakynda” kanunynyň maddalaryna laýyklykda, ýurtlar we gelmegiň (gitmegiň) maksatlary boýunça Türkmenistana gelýän we onuň çäginden çykýan hemme raýatlar üçin doldurylýar.

Forma iki bölümden ybarat:

1. Türkmenistanyň raýatlary;
2. Daşary yurt raýatlary.

“Migrantlaryň umumy sany” diýen setir 1-nji we 2-nji bölümleriň jemleýji setirleriniň jemine deňdir.

1-nji we 2-nji bölümler iki bölümçä bölünýär:

- GDA ýurtlary
- Beýleki ýurtlar

“GDA ýurtlary” we “Beýleki ýurtlar” diýen setirler degişli bölümçelerde sanalyp geçilen ýurtlar boýunça jemleýji setirler bolup durýarlar.

“gaýry ýurtlar” diýen setir beýleki yurtlaryň sanawynda görkezilmedik ähli ýurtlaryň jemi bolup durýar we ol “Beýleki ýurtlar” diýen jemleýji setiriň jemine girmelidir.

1-nji bölüm. “Türkmenistanyň raýatlary” diýen 1.1. “GDA ýurtlary” we 1.2. “Beýleki ýurtlar” diýen setirleriň jemine deň bolmaly.

2-nji bölüm. “Daşary yurt raýatlary” diýen setir 2.1. “ GDA ýurtlary” we 2.2. “Beýleki ýurtlar” diýen setirleriň jemine deň bolmaly.

Sütünlerde adamlaryň sany Türkmenistana gelmeginiň (Türkmenistandan gitmeginiň) maksatlary boýunça görkezilýär. Eger raýatlaryň gelmeginiň (gitmeginiň) maksatlary 2-6 (12-16) sütünlerde görkezilmedik bolsa, onda olar 7(17) sütünlerde hasaba alnan bolmaly.

1-nji sütün 2–7-nji sütünleriň jemine deň bolmaly.

11-nji sütün 12–17-nji sütünleriň jemine deň bolmaly.

8-nji, 9-njy, 10-njy we 18-nji, 19-njy, 20-nji sütünler, bellige almaklygyň kanunçylyk tertibinde bellenen düzgünlerine laýyklykda, degişli bölümleriň jemleýji setirlerinden bölünip çykarylýar.

21-nji sütün 1-nji we 11-nji sütünleriň tapawudyna deňdir. Ol položitel ýa-da otrisatel san bolup biler.

**Ilaty hasaba alyş müdirligi**